MAKTABGACHA VA MAKTAB TA'LIMI VAZIRLIGI

PEDAGOGIK MAHORAT VA XALQARO BAHOLASH ILMIY-AMALIY MARKAZI

Respublika Ta'lim Markazi

## 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 11-NJI SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN

# Türkmen dili we edebiýaty

**PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTATSIÝASYNY GEÇIRMEK BOYUNÇA METODIK TEKLIP WE MATERIALLAR**



**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY MEKDEBE ÇENLI WE MEKDEP BILIMI MINISTRLIGI**

**PEDAGOGIK BAŞARNYK WE HALKARA BAHALAMAK YLMY-AMALY MERKEZI**

# 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 11-NJI SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTASIÝASYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA METODIK TEKLIPLER WE MATERIALLAR

*Düzüjiler:* Hanmatow Magsatmyrat Nurmatowiç. Klyçew Rahman Ýollyýewiç

*Ekspert:* Alymjanowa Aýnura Alymjanowna

# TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY PREDMETI BOÝUNÇA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEP OKUWÇYLARY ÜÇIN DÖWLET ATESTATSIÝASYNDAN BARLAG SYNAGYNDAN DÜZMÄNIŇ TEMALARYNYŇ SPESIFIKASIÝASY

Bu düzme spesifikasyýasynyň maksady uçurym okuwçylaryň türkmen dili we edebiýaty predmetinden bilim derejesini barlamak üçin ulanylýan düzme temalary strukturasy we oňa goýulýan talaplary ýerine ýetirmekden ybarat. Bu resminamada aprobasiýalar netijesinde goşmaçalar, özgertmeler we düzedişler girizilmegi mümkin.

11-nji synpy gutaran okuwçylar türkmen dili we edebiýaty predmetinden bilim maksatnamasy boýunça belli bir derejedäki kompetensiýalara eýe bolýarlar.

Okuwçylaryň alan bilim, endik we başarnyk ukyplaryny barlamak üçin 2023–2024-nji okuw ýylynda 11-nji synplarda gutardyş synagyny ýazuw görnüşinde amala aşyrylýar.

Her bir düzmäniň temalary türkmen dili we edebiýaty predmeti boýunça umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-11-nji synplarynyň temalaryny öz içine alýar. Şeýle hem, düzmäni bahalamagyň kadalary hem görkezilen.

Düzme temalarynyň hödürlenilişiniň ýene bir ähmiýetli tarapy, aýratyn-da türkmen dili we edebiýat predmetinden alan bilimleri hem-de sowatlylygy berkidilýär, döredijilik, söz baýlygyndan peýdalanyp bilmek başarnygy ösýär, öz garaýyşlaryny logiki, yzygider düşündirip bilmek ukybyna eýe bolýar we şu ugurda pikirini beýan etmekligi öwrenýär.

11-nji synplar üçin düzme üç wariantda taýýarlanylan bolup, her bir wariantda üç sany düzme temalary bar. Şoňa görä-de, wariantdaky temalaryň iki sanysy edebiýat predmetinden ekzamen materiallary Döwlet bilim standarty we okuw maksatnamasynda belgilenen temalar esasynda, biri bolsa erkin temada taýýarlandy.

Respublikanyň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde bilim alýan 11-nji synp okuwçylarynyň arasynda jemleýji gutardyş attestasiýasyny geçirmek mynasybeti bilen synag almak üçin düzme temalary hödürlenilýär. Synagda düzme saýlamakdan maksat okuwçylarda logiki-kreatiw pikir ýöretmek başarnyklaryny ösdürmek, özbaşdak we döredijilikli pikirlenmegi öwretmek, orfografik we stilistik sowatlylygy ýola goýmak, dilden hem-de ýazuw endiklerini ösdürmekden ybarat.

Düzme temalarynyň hödürlenmeginiň ýene-de bir ähmiýetli tarapynyň biri-de, türkmen dili we edebiýat predmetlerinden alan bilimleri hem-de sowady berkidilýär, döredijilik, söz baýlygyndan peýdalanyp bilmek endigi artýar, öz garaýyşlaryny logiki,

yzygider beýan etmek ukybyna eýe bolýar we şu ugurdan pikirini doly beýan edip bilmegi öwrenýär.

Düzmäni ýazyp, okuwçy tarapyndan okap çykylyp, ýalňyşlar üstünde işlenişi, goşmaçalar goşulmagyny hasaba alyp, 3 akademik sagat wagt berilýär.

Okuwçylaryň ýazma işleri ene dili predmetleriniň her biri üçin aýratyn 100 ballyk düzgün esasynda:

0 – 29% – «kanagatlanarsyz»;

30 – 65% – «kanagatlanarly»;

66 – 85% – «ýagşy»;

86 – 100% – «örän gowy»

baha ýaly bahalanýar. Her bir iş üçin belgilenen baldan ýokary bal goýmaklyga ýol goýulmaýar.

| **11-nji synp uçurymlary üçin türkmen dili we edebiýaty predmetinden bilim maksatlary** | |
|---|---|
| Grammatika mahsus özleşdirilmeli normalar: | türkmen edebi diliniň grammatikasynyň norma we mümkinçiliklerini bilmek |
| | sözleýişiň çägini we mümkinçiliklerini bilmek |
| | dilden we ýazuw görnüşünde ýasaýjy we söz üýtgediji goşulmalar, grammatik many aňladýan serişdeleri saýlap almak |
| | sinonimik we stil mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanmak |
| | sözlemde sözleriň tertibine, dürli söz toparlaryna degişli sözlere üns bermek, söz düzümlerini we durnukly söz düzümlerini ýerlikli ulanmak |
| | sözlem görnüşlerinden, eýerjeňli we düzmeli goşma sözlemlerden, özbaşdak many aňlatmaýan söz toparlarynyň ähli görnüşlerinden, giriş sözlerden, modal sözlerden, ümlüklerden dogry we ýerlikli peýdalanyp bilmek |
| | sypat aňladýan sözler – tekstdäki sözlemiň mazmun taýdan özara baglanyşy we berlen tekstiň tema esasynda baglanyşykly beýan edilişi, punktuasiýa belgileriniň ýerlikli ulanylyşy, abzaslaryň ulanylyşy, pikiriň yzygiderligi, sözleýşiň görnüşlerinden hem-de sozleýşiň tärlerinden ýerlikli peýdalanyp ýazmagy başarmak |
| Edebiýat | nusgawy edebiýat žanrlary bilen häzirki zaman edebiýat žanrlaryny tapawutlandyryp bilmek |
| | berlen her bir temada ýazuw görnüşünde özbaşdak pikirlenip bilmek |

| | |
|---|---|
| | okan eserinden alan täsirlerini anyk beýan edip bilmek |
| | başga ynsanyň duýgulary we başdan geçirmeleri dogrusynda pikirlenmegi başarmak |
| | dürli temalarda düzme ýazyp bilmek |
| | öwrenilen ýazyjylaryň (awtorlar) gylyk-häsiýetine has bolan duýgy-düşünjeleri bahalap bilmek |
| | edebi gahrymanlaryň hereketlerine garaýşyňy beýan etmek we ony esaslandyryp bilmek |
| | belent duýguly we kämil edebi gahrymanlaryň duýgularyny açyp berip bilmek |
| | saz ýa-da sekillendiriş sungat eserleriniň gizlinlik bilen berlen özüne çekijilik taraplaryny çeper duýup bilmek we ony söz arkaly beýan etmek |
| | öwrenilen eserlerde teswirlenen edebi tymsallar aýratynlyklaryna has bolan taraplaryny anyklap, oňa öz garaýşyňy bildirmek |
| | öwrenilen eserlerdäki edebi gahrymanlaryň aýratynlygynyň özboluşly mynasyp taraplaryna özbaşdak pikir bildirip bilmek |
| | öwrenilen çeper eserler tymsallarynyň durmuşdaky milli aýratynlyklaryny duýup bilmek |
| | edebi, taryhy döwürlere we awtorlar döredijiligine myhasyp baha berip bilmek |

| **Düzmäni bahalamagyň kadalary** | | 1 sany | 2 sany | 3-4 sany | 5-7 sany |
|---|---|---|---|---|---|
| **Orfografik ýalňyşlyklar** | **15 bal** | 14-15 bal | 10-13 bal | 7-9 bal | 4-6 bal |
| **Stil ýalňyşlyklar** | **15 bal** | 14-15 bal | 10-13 bal | 7-9 bal | 4-6 bal |
| **Dyngy belgiler** | **10 bal** | 9-10 bal | 7-8 bal | 4-6 bal | 1-3bal |
| **Temanyň deliller esasynda (eserden bölek) beýan edilişi** | **20 bal** | | | | |
| Düzmäniň tekstinde 2 we ondan artyk halk nakyly aforizmler, goşgy bentleri tekstiň mazmunyna laýyk gelse, düşündirilen bolsa, epigraf ulanylan bolsa, düzülen meýilnama tema anyk laýyk bolsa | 15-20 bal | | | | |
| Nakyl, aforizm, goşgy bentlerinden bölekler ulanylsa, ýöne düşündirilmedik bolsa | 9-14 bal | | | | |
| Diňe nakylyň özi ulanylan we düşündirilen | 4-8 | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| bolsa | bal | | | | |
| **Çeperçiligi (sözi ýerlikli ulanyp bilmek ussatlygy, goşgy bentleri, nakyllary, aforizmleri ulanmak)** | **20 bal** | | | | |
| Jümleleri, suratlandyrmalary, göçme manyly, sinonim, antonim sözleri ýerlikli ulanyp bilmek | 15-20 bal | | | | |
| Sinonim sözleri ýerlikli ulanan bolsa | 9-14 bal | | | | |
| Pikir ýerliksiz, ýönekeý maglumat görnüşinde ulanylan bolsa | 4-8 bal | | | | |
| **Hatdatlyk (arassa ýazuw)** | **6 bal** | | | | |
| Ýazuwy anyk we yzygiderli, düşnükli bolsa | 5-6 bal | | | | |
| Ýazuwy biraz düşnüksiz, harplar gyşyk bolsa, düşünip okamaklyk biraz kyn bolsa | 1-4 bal | | | | |
| **Özbaşdak pikirlenip bilmek aýratynlygy** | **10 bal** | | | | |
| Her maglumat düşündirilip, jemlenip, deňeşdirme derňew edilip, öz garaýşyny beýan eden bolsa | 7-10 bal | | | | |
| Tema boýunça maglumatlar derslik esasynda aňladylyp, okuwçynyň öz dünýägaraýşy dogry açylyp görkezilmedik bolsa | 4-6 bal | | | | |
| Başga ýagdaýlarda | 1-3 bal | | | | |
| **Arassa (boýamazdan ýazmak)** | **4 bal** | | | | |
| JEMI: | 100 bal | | | | |

**Düzme üçin temalar:**

1. Dünýä edebiýatynyň dürdäne eserleriniň mende galdyran täsiri.
2. Meniň söýgüli ýazyjym.
3. Türkmen halk döredijiligi eserlerinde watansöýüjilik duýgularynyň berlişi.
4. Kerim Gurbannepesowyň şygryýetinde öwüşgin duýgularyň teswiri.
5. Özbegistan 2050-nji ýylda.
6. Mähribanlyk öýünde terbiýelenýän doganlaryma hat.
7. Ähli umumy medeniýetiň ýaşlar geljegine täsiri.
8. Ata-enäniň ynsan durmuşyndaky orny.
9. Meniň geljekdäki arzuwym.
10. Täze Özbegistanyň geljekki ýaşlary.